# Keý-Kowusyñ pähimlerinden

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Keý-Kowusyñ pähimlerinden KEÝ-KOWUSYÑ PÄHIMLERINDEN

● Bu dünýäde gowy adamlar şire meñzär, ýaman adamlar bolsa, it gylykly bolar. It tapan zadyny şol ýeriñ özünde iýer, şir bolsa awuny başga ýerlere äkidip iýer.

● Eý oglum, dünýäde bolan, bolmadyk ýa-da bolup biläýjek zatlaryñ ählisine adam ogly akyl ýetirip bilýändir. Ol diñ Allatagalanyñ işlerine akyl ýetirip bilýän däldir. Başga zada akyl ýetirip bolar…

● Dünýäniñ bar keýpi-sapasy öñ görmedik zatlaryñy görmekde, öñ iýmedik zatlaryñy iýmekde, öñ tapmadyk zatlaryñy tapmakdadyr.

● Akyly bolan perzent hiç haçan ata bilen enesini unutmaz.

● Akyl bilen baýlyk toplap bolar, emma baýlyk bilen akyl toplap bolmaz.

● Kimdir biri bilen jedelleşjek bolsañ, ony dymmak bilen ýeñmelidir, çünki samsyklara berilip bilinjek iñ gowy jogap dymmakdyr.

● Nadan adamy adam saýmagyn, emelsiz alymy hem alym hasap etme.

● Gözden düşmejek bolsañ, çem gelen zada şaýatlyk etjek bolup ýörmegin.

● Her bir işde ortarakda bolgun.

● Syryñ başgalara äşgär bolmasyn diýseñ, başgalaryñ syryny açmagyn. Sözler